# Harby gullukdan soň ilkinji goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Harby gullukdan soň ilkinji goşgy HARBY GULLUKDAN SOÑ ILKINJI GOŞGY



Könelen ýüzüniň perdesin çekip,
Döwür diýilýän zat üýtgeýär, bilýän.
Ýöne »täze dünýäň » pidasy edip,
Hiç haçan enäniň göwnüne degmäň!
Dünýäde her derde müň sany em bar,
Emma derman barmy mähri deý enäň?
Näçe ynjytsaňam ýaş dilär, emma

Hiç haçan enäniň göwnüne degmäň!

Hawa, wagt geçipdir, bolupsyň ata,
Ýaşlyk edeniňe indi düşünýäň.
Ýatlamada däl-de ol heniz barka
Hiç haçan enäniň göwnüne degmäň!

Ýogsam bir gün öpüp bir tümmek gumy,
Mazaryň daşyna degirip kelläň,
Ökünç, gözýaş bilen aýdarsyň şuny:
»Hiç haçan enäniň göwnüne degmäň!»

Maksat SEÝITLIÝEW. Goşgular